Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

№27 (49) 2022-nji ýylyň 20-nji dekabry

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

## A ROUND-TABLE TITLED "TURKMEN-SAUDI RELATIONS" WAS HELD

***Under the leadership of our esteemed President, Turkmenistan is increasingly developing conscientious cooperation with many countries of the world, pursuing a peaceful foreign policy for the sake of world peace in the international arena.***

The friendly relationship between Turkmenistan and the Kingdom of Saudi Arabia that have been formed for centuries, the commonality of spiritual and cultural principles serve to further approchement of development of the two countries at the present stage, further promotion of friendly relations in many areas. The high level of Turkmen-Saudi relations is clearly evidenced by the fact that our esteemed President of Serdar Berdimuhamedov, after presidential elections, made his first foreign visit to the sacred place in the Islamic world — the Kingdom of Saudi Arabia. Nowadays bilateral and multilateral relations, primarily within the framework of large international organizations and regional structures, are acquiring a new form.

As you know, on May 1 —3, 2016, our Hero Arkadag made an official visit to the Kingdom of Saudi Arabia. During the visit, our Hero Arkadag pilgrimaged Mecca and Medina — two sacred cities for all Muslim world. It is especially proudly that during this visit, a Cooperation Program was signed between the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Institute for Diplomatic Studies named after Prince Saud Al-Faisal of the Ministry of Foreign Affairs of the Kingdom of Saudi Arabia.

As a part of this cooperation, higher education Institutions regularly held round table conferences on Turkmen-Saudi relations. By the way, on December 19, 2022, a round table conference was held at the Institute of

2




## AWAZA SAMMITI: hyzmatdaşlyga täze çelgi

***Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan daşary syýasaty ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem dünýä döwletleri, ilkinji nobatda, goňşy we sebit ýurtlary bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek, hyzmatdaşlyga döwrebap we täze mazmun bermek bolup durýar. Türkmenistanyň şeýle parahatsöýüjilikli we hoşniýetli daşary syýasy strategiýasynda esasy orun tutýan hyzmatdaşlarynyň hataryna umumy dini, dili we taryhy kökleri bolan döwletler — Azerbaýjan we Türkiýe Respublikalary degişlidir.***

Döwletleriň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ýet, ylym-bilim ulgamlarynda alnyp barylýan işjeň hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Taraplar abraýly halkara guramalarynda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynda, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynda, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynda, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda, Türki Döwletleriň Guramasynda we beýleki halkara düzümleriň çäklerinde özara ylalaşykly hereket edýärler.

Netijeli ösýän türkmen-azerbaýjan-türk hyzmatdaşlygynda halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmeklige hem uly orun degişlidir. Bu ulgamda durmuşa geçirilýän iri taslamalaryň biri Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe ulag geçelgesini döretmekdir. 2014-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bu ulag-üstaşyr geçelgesiniň Ylalaşygynyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça bäştaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Bu duşuşyk degişli taslamany durmuşa geçirmek ýolunda ilkinji ädimleriň biri boldy. Häzirki wagtda bu ulag geçelgesi Gündogar bilen Günbataryň arasynda köptaraplaýyn özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmegiň möhüm serişdesi bolup çykyş edýär.

2021-nji ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň Prezidentleriniň wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşmaklarynda Hazar deňzindäki «Dostluk» uglewodorod ýatagyny bilelikde özleşdirmek we ösdürmek boýunça iki döwletiň hökümetleriniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. 2022-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda «Hazar deňzindäki «Dostluk» ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde gözlemek, işläp geçmek we özleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen

2




### TALYBYMYZYŇ ÜSTÜNLIGI

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň II ýyl talyby Döwran Durdyýew 2022-nji ýylyň 9-10-njy dekabrynda Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky komiteti tarapyndan sportuň söweş sambosy görnüşi boýunça Daşoguz welaýatynda geçirilen Türkmenistanyň açyk birinjiliginde üstünlikli çykyş edip, 79 kilogram agram derejesinde II orna (kümüş medala) mynasyp bolmagy başardy.



### Mass Media representatives from Spain

From December 7 to 21, 2022, the creative team of the «Atresmedia Television» Media Group from Spain will shoot a documentary film about the different fields of economy, rich history and beautiful places of Turkmenistan. During this visit, the creative team will visit the beautiful places in Turkmenistan in order to show it to Spain viewers.



On December 13, the representatives of «Atremedia Television» Media Team visited the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and get acquainted closely with infrastructure of the institute and conditions created there and the educational process itself.

### Объявлены победители конкурса фотожурналистики «Туркменистан – Родина Нейтралитета»

10 декабря 2022 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана были подведены итоги конкурса фотожурналистики под названием «Туркменистан – Родина Нейтралитета» среди студентов вузов, приуроченного Международному дню Нейтралитета. Конкурс проводился на I и II уровнях: I уровень – для студентов, специализирующихся в области журналистики и II уровень – обучающихся по другим специальностям.

По результатам конкурса главный приз получила студентка факультета международной журналистики Института международных отношений МИД Туркменистана Сельбинияз Гочмырадова.

«Ýaş diplomatyň sesi».

# AWAZA SAMMITI:
## hyzmatdaşlyga täze çelgi

1

Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşygyň» taslamasyny işläp taýýarlamak we ylalaşmak boýunça Bilelikdäki Iş toparynyň dördünji mejlisi geçirildi.

Şu ýylyň 13-14-nji dekabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň, Azerbaýjan we Türkiýe Respublikanyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda ilkinji üçtaraplaýyn sammit geçirildi. Bu sammitiň barşynda ýokarda agzalan ulag we energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary we döwletara gatnaşyklaryň gün tertibinde durýan beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu duşuşyk Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk we özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan köpugurly gatnaşyklary we netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň, hemmetaraplaýyn berkitmegiň ýolunda möhüm waka öwrüldi.

Mälim bolşy ýaly, sammitde seredilen möhüm meseleleriň hatarynda Türkmenistanyň energiýa çeşmeleriniň Ýewropa bazarlaryna ugradylmagynyň mümkinçiliklerini öwrenmek boldy. Sammitiň öňüsyrasynda, ýagny 13-nji dekabrda üç döwletiň daşary işler ministrleriniň duşuşygynyň geçirilendigini hem aýratyn bellemelidiris.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň, Azerbaýjan we Türkiýe Respublikalarynyň Prezidentleriniň Awaza duşuşygy däp bolan döwletara gatnaşyklarynyň taryhyna täze sahypa hökmünde ýazylyp, giň ugurlar boýunça doly möçberli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine güýçli itergi berjekdigi ikuçsuzdyr. Döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary boýunça özara arkalaşykly hereket etmegiň binýady has-da berk häsiýete eýe bolmagy, türkmen-azerbaýjan-türk doganlygynyň uzak geljeginiň hatyrasyna hyzmat eder.

***Aýgözel AŞIROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Gündogary öwreniş hünäriniň magistranty.***

# A ROUND-TABLE TITLED "TURKMEN-SAUDI RELATIONS" WAS HELD

1

International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. It was attended by representatives of our Institute, as well as the Institute for Diplomatic Studies named after Prince Saud Al-Faisal of the Ministry of Foreign Affairs of the Kingdom of Saudi Arabia. Before the beginning of the conference, foreign guests got introduced with the educational buildings of the national school of Turkmen diplomacy and got acquainted with the wide opportunities created for students, who receive higher education at the Institute, as well as the educational studio operating at the Institute, the editorial office of the newspaper, and also with the specially prepared place for the intellectual competition "Young Messengers of Peace".



Participants especially noted the current state of the political, trade, economic, cultural and humanitarian areas of bilateral relations, as well as the possibilities for their development during the meeting.

Then the delegation of Saudi Arabia took part in the official opening ceremony of the new complex of buildings of the Embassy of the Kingdom of Saudi Arabia in Turkmenistan.

Tomorrow, on December 20, a delegation of the Institute for Diplomatic Studies named after Prince Saud Al-Faisal of the Ministry of Foreign Affairs of the Kingdom of Saudi Arabia will visit the museums in Ashgabat city.

***Ajayip NOBATOVA,***
***2nd year student of the Faculty of International Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

# IT HYZMATLAR — DÖWRÜŇ TALABY

***«Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmakda, innowasion ösüşi gazanmakda standartlaşdyryş ulgamynyň orny barha artýar. Standartlar ykdysadyýeti sanly görnüşde ösdürmegiň möhüm şerti bolup, Türkmenistanda ykdysady ösüşiň täze, sanly tapgyrynda ýokary depgin bilen alnyp barylýar. Gazetimiziň şu sanynda Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasynyň esasy hünärmeni Atajan Saparmyradow bilen taýýarlanan söhbetdeşligi size ýetirýäris.***

***Islendik innowasion taslama tehnologiýalar çygrynda sazlaşdyrylan milli hem-de halkara standartlaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, söhbetdeşligimiziň başyny Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasynyň taryhy bilen bagly gürrüňlerden başlaýsak?!***

— Dogry belledlast. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we durnukly senagat-innowasion ösüşi gazanmak esasy wezipeleriň biridir. Arkadagly Serdarymyzyň hususy telekeçilere we önümçilik işini alyp barýan döwlet kärhanalaryna berýän köptaraplaýyn goldawy, olaryň çalt depginler bilen ösmegine örän uly mümkinçilikler döretdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky «Türkmenistanda öndürilýän önümlere çyzykly şertli belgileriň goýulmagyny girizmek hakyndaky» Karary esasynda, Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasy döredildi. Milli gurama gysga wagtyň içinde Halkara GS1 guramasynyň talaplaryny üstünlikli ýerine ýetirip, 2015-nji ýylyň maý aýynyň 20-sinde 111 döwletiň Milli guramalarynyň biragyzdan ses bermekleri bilen Halkara GS1 guramasynyň agzasy boldy hem-de «GS1 Türkmenistan» brendine ygtyýarnama aldy. Türkmenistanda GS1 ulgamynyň işini dolandyrmaga ygtyýarlandyrylan ýeke-täk edara bolan Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasy eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, önüm öndürýän edara-kärhanalary we telekeçileri guramanyň agzalygyna kabul edip, olaryň öndürýän önümlerine täjirçiligiň bütindünýä dili bolan, global ulgamynda halkara derejesinde ykrar edilen 483 prefiksi bilen başlanýan çyzykly şertli belgileri paýlaýar. Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasy önüm öndürilenden sarp edijä barýança harytlaryň hasabatyny we haryt aýlanyşygynyň ýoluny yzarlamaga, wagtlaryny tygşytlamaga, alyjylara edilýän hyzmatlaryň hilini ýokary derejä ýetirmäge ýardam edip gelýär. Häzirki wagtda Milli gurama agzalyga girenleriň sany 2300-e ýetdi. Şolaryň 600-e golaýy döwlet kärhanalary, 1700-e golaýy hususy işewürlerdir. Olara Türkmenistanda öndürilýän harytlar üçin çyzykly şertli belgileriň jemi 66 müňden gowragy döredilip berildi. Bu biziň ýurdumyzda şonçarak harydyň öndürilýändigini aňladýar.



***— Atajan aga, okyjylarymyz üçin diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem, dünýä ýüzünde çyzykly şertli belgileriň gelip çykyşynyň taryhy hem gyzykly bolsa gerek.***

— Geçen asyryň ortalarynda, has takygy, 1948-nji ýylda Filadelfiýadaky Dreksel uniwersitetiniň Tilsimat institutynyň aspiranty Bernard Silwer çyzykly şertli belgileri okamak üçin Wudland optiki saundtrek tilsimatyny oýlap tapýar. Munuň üçin, 1952-nji ýylda ABŞ-nyň №2612 994 belgili ygtyýarnamasy berilýär. Netijede, 1974-nji ýylda ilkinji gezek çyzykly şertli belgiler ulanylmaga başlanýar.

***— Çyzykly şertli belgileriň ykdysadyýetdäki ähmiýeti dogrusynda hem gürrüň beräýseňiz.***

— Çyzykly şertli belgileriň ykdysadyýetde uly ähmiýeti bar. Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda çyzykly şertli belgileriň ulanylmagy, önümçiligi ýokarlandyrmaga, awtomatlaşdyrmaga uly ýardam edýär. Esasan hem, bu belgiler milli ykdysadyýetimiziň dürli ugurlarynda giňden ulanylýar we ýokary netijeler gazanylýar. Mysal hökmünde aýtsak, olar öndürijiler üçin öz önümlerini çalt taýýarlap we amatly ýerläp bilmek mümkinçiligini döredýär. Şeýlelikde, olaryň edil içerki bazarda bolşy ýaly, daşarky bazarda hem bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlanýar. Çyzykly şertli belgileriň önümler babatda hakyky wagtyň dowamynda takyk tükellemäni geçirmek, önümleriň derejesini bilmek, şonuň netijesinde gerekmejek çykdajylary azaltmak, ýyllyk tükelleýiş hasabatlaryny düzmek üçin wagt ýitirmezlik, bölekleýin we lomaý söwda nokatlary üçin müşderilere hyzmat etmekdäki wagtlaryny tygşytlamak ýaly birnäçe bähbitleriniň bardygyny bellemek gerek.

***— Atajan aga, söhbetdeşligimiziň ahyrynda Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasynyň geljekki öňde goýýan maksatlary dogrusynda hem pikirleriňizi diňläýsek?!***

— Täze tehnologiýalaryň ösýän, sarp edijileriň isleglerini artýan döwründe olara hödürlenýän önümleriň hilini ýokarlandyrmak global meseleleriň biri bolup durýar. Şonuň bilen baglylykda, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we içerki söwda ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda öňdebaryjy halkara tejribelerinden ugur alyp işleýän Türkmenistanyň Çyzykly şertli belgiler boýunça Milli guramasynyň öňünde dünýä bazarlaryna giň ýol açjak täze halkara standartlaryny Türkmenistanda ornaşdyrmak wezipeleri durýar.

Sözümiň ahyrynda, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda ähli mümkinçilikleri döredip berýän Arkadagly Serdarymyza guramamyzyň adyndan hem-de öz adymdan sagbolsun aýdýaryn. Goý, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, aýdyň maksatly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

***— Sag boluň!***

***Söhbetdeş bolan: Aýlar ATAJYKOWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

*Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 9-njy iýunynda ýola goýuldy.*

*Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 29-njy fewralynda ýola goýuldy.*

# HALKARA ARENASYNDA TÄZE FILOSOFIÝA

Ýurdumyz özüniň hoşniýetli, oňyn daşary syýasatynyň ýörelgelerine ygrarlydygyny iş ýüzünde subut edýär. Türkmenistan bu günki gün dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup, özüniň Esasy Kanunynda berkidilen halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny nusgalyk derejede goldaýar. Merdana ata-babalarymyzyň asylly däplerine eýerip, ýurdumyzda «Açyk gapylar» syýasaty doly ýola goýuldy. Bu syýasatyň many-mazmuny türkmen ynsanperwerligine, dostanalygyna eýerilip, yzygiderli baýlaşdyrylýar.

Myhmansöýer we bereketli türkmen topragy dünýä halklarynyň söýgüli mekanyna, halkara başlangyçlaryň ýaýbaňlandyrylýan merkezine, ylym-biliminiň yzygiderli ösýän, dostlugyň rowaçlanýan ýurduna öwrüldi. Türkmen halkynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry biziň halkymyz üçin diňe



bir ähmiýetli sene bolman, eýsem, ol hakykatdan-da, ykbal çözüji pursadyna, Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhynyň okgunly ösüşiniň ýol görkezijisine öwrüldi. Şeýle-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmegi, birnäçe Kararnamalary kabul etmegi, şol sanda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy», «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny», Türkmenistanyň başlangyjy bilen, «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnamalaryň kabul edilmegi ýurdumyzyň bitaraplyk syýasatynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Halkara we sebit guramalarynyň ýolbaşçylarydyr bilermenleri Türkmenistanyň sebitde, hususan-da, Owganystanda parahatçylygyň we durnuklylygyň üpjün edilmegine uly goşant goşýandygyny, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy bilen, Türkmenistanyň ählumumy howpsuzlygy hem-de yzygiderli ösüşi üpjün etmekde möhüm orny eýeleýän, parahatçylygy dörediji uly merkeze öwrülendigini belleýärler.

Däp bolşy ýaly, gözel paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 27 ýyllygy mynasybetli «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara maslahatyň geçirilmegi uly ähmiýete eýe boldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 45-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» atly ýene bir Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa buýsandyryjy wakalaryň birine öwrüldi. Munuň özi Watanymyzyň halkara gatnaşyklaryndaky oňyn bitaraplyk syýasatynyň uly üstünlikleriniň biridir.

«Dialog — parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyç dünýä halklarynyň parahatçylyk we birek-birege ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan däp-dessurlaryny berkitmekde, milli gymmatlyklary we oňyn garaýyşlary ösdürmekde halkara bileleşigiň tagallalarynyň utgaşdyrylmagyna gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, bu başlangyç 2021-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty — halkara howpsuzlygyň, durnuklylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara maslahatda öňe sürüldi hem-de oňa gatnaşyjylar tarapyndan biragyzdan goldanyldy. Bu maslahatyň jemleýji resminamasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy mejlisiniň resminamasy hökmünde ýaýradyldy. Munuň özi tötänden däl, çünki halkara gatnaşyklaryň täze ýörelgesi hökmünde ykrar edilen bu başlangyç BMG-niň Baş Sekretarynyň parahatçylygy berkitmek üçin Täze gün tertibini esaslandyrmak hakyndaky başlangyjy bilen utgaşyklydyr. Ol ählumumy wehimleriň peseldilmegini, gapma-garşylyklaryň öňüniň alynmagyny we parahatçylyga maýa goýumlaryň gönükdirilmegini, şeýle hem sebitleýin derejedäki öňüni alyş çärelerine goldaw berilmegini öz içine alýar. «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly maslahatyň geçirilmegi, dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy bolan Türkmenistanyň diňe bir ähli ýurtlaryň we halklaryň bähbitlerine laýyk gelýän giň halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi ugrunda anyk çäreleri amala aşyrýandygyny-da görkezýär.

*Arslan SYÝAHATOW,*
*Halkara gatnaşyklary fakultetiniň II ýyl talyby.*



*Обозрение*

# ТУРКМЕНИСТАН В МЕЖДУНАРОДНОМ МЕДИА ПРОСТРАНСТВЕ

В второй декаде декабря 2022 года события и новости политической, экономической, социальной сфер нашей Отчизны нашли своё достойное отражение в мировом информационном пространстве.

Одним из ярких событий данного периода на региональной политической арене стало проведение трехстороннего саммита при участии глав Туркменистана, Турции и Азербайджана. Следовательно, новости, касающиеся этого события, были освещены авторитетными международными СМИ. К слову, новость о договоренности трех сторон о взаимодействии в сфере энергетики было освещено авторитетным информагентством **ТАСС**:



*«Состоялась встреча глав министерств энергетики Туркменистана, Азербайджана и Турции, в ходе которой были обсуждены вопросы развития взаимодействия в сфере энергетики.*

*Стороны рассмотрели отдельные аспекты многогранного сотрудничества, выстраиваемого на долгосрочной, взаимовыгодной основе, ход выполнения достигнутых ранее договорённостей, а также возможности реализации новых совместных проектов».*

В первой декаде декабря активное сотрудничество нашей страны со своими соседями также нашло свое достойное отражение на просторах зарубежных СМИ. В частности, новость о поставках нового этапа туркменского газа в Узбекистан была размещена на странице информагентства **UzDaily**:

*«Узбекистан и Туркменистан договорились о поставках до 1,5 млрд. кубометров газа.*

*12 декабря глава администрации Президента Узбекистана Сардор Умурзаков посетил Ашхабад. В рамках визита он встретился с Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым.*

*Во время визита достигнута договоренность о поставках в Узбекистан дополнительно до 20 млн кубометров газа в сутки или всего 1,5 млрд кубометров за 3 месяца. Узбекистан и Туркменистан подписали соответствующий контракт».*

Деятельность нашего государства во внешнеполитической сфере также является объектом пристального внимания иностранных СМИ. К слову, сообщение о расширении контактов Туркменистана с ООН в области устойчивого развития нашло свое место на официальной странице регионального новостного портала **Centralasia.news**:

*«В Ашхабаде 15 декабря состоялось заседание Совместного руководящего комитета по реализации Рамочной программы сотрудничества между Туркменистаном и ООН в области устойчивого развития на 2021–2025 годы. Глава внешнеполитического ведомства страны Рашид Мередов выдвинул ряд инициатив по активизации контактов по данному направлению взаимодействия.*

*Рашид Мередов предложил расширить партнерские отношения в областях обеспечения «зеленой» экономики и разработки соответствующих концепций, продовольственной безопасности и климатических изменений, посредством использования современных технологий».*

Новостная хроника из ежедневной общественной жизни нашего государства, также стала объектом пристального внимания зарубежных информагентств. К примеру, новость о начале в Туркменистане сплошной переписи населения и жилищного фонда страны была размещена на официальной странице новостного портала **SNG today**:



*«В соответствии с постановлением президента Сердара Бердымухамедова, 17 декабря по всему Туркменистану началась всеобщая перепись населения и жилищного фонда под девизом: «Перепись населения 2022: Сплочённость, Счастье, Светлое будущее». Главная задача нынешней акции заключается в получении конкретных данных о демографическом составе и социально-экономическом положении граждан государства».*

Освещение таких важных событий и новостей, происходящих в нашей стране, является еще одним ярким свидетельством высокого уровня заинтересованности авторитетных международных агентств общественно-политической жизнью нашего государства.

**Подготовили: Халбиби САТЛЫКОВА, Батырмухаммет ОРАЗОВ, студенты факультета международной журналистики.**

*Переговоры – душа дипломатии, соглашения – ее сердце.* *Константин Мадей*

*Туркменистан представит свои музейные ценности в Лувре.*








# MARADONA. MESSI. MUNDIAL



18-nji dekabrda Argentinanyň we Fransiýanyň milli ýygyndylarynyň arasynda Katarda geçirilen 2022-nji ýylky futbol boýunça dünýä çempionatynyň final duşuşygy oýnaldy. Esasy we goşmaça wagty 3:3 hasabynda deňlikde tamamlanan gapma-garşylykda oýundan soňky penaltiler boýunça 4:2 hasabynda Argentina ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, Argentina Maradonanyň döwründen soňra, 1986-njy ýyldan bäri ilkinji çempionlygyna Messi bilen ýetdi.

Adatça, ertekiler iki hili bolýar. Birinjisinde, haýsydyr bir pukara ýigit aždarhany öldürip, şagyzyna we ummasyz mal-mülke eýe bolýar. Ikinjisinde bolsa, baş gahryman – şazadanyň şagyzyna ýetmek üçin özüni ykrar etdirmegi gerek. Ol ýaý atypmy, küşt oýnapmy, ädik tikipmi, garaz, bir zat edip, adaty adamlaryň arasynda hem günemasyny dolandyryp biljegini, oňa ähli zadyň takdyr tarapyndan berlendigini subut etmeli.

Maradonanyň karýerasy birinji agzan ertekimize kybapdaş. Ol hemişe hemme kişä garşy çykmaga mejburdy, şonuň üçin hem ony diňe özi ýaly pukara adamlar gowy görýärdiler. Garşydaşlary onuň ýalňyşyndan peýdalanmaga, onuň aýagyna depmäge mydama taýýardylar. Maradona özüniň soňky iki mundialyny aglap terk etdi — birinjisinde Argentinanyň derwezesine tarap bellenilen jedelli penalti üçin, ikinjisinde meýdançadan daşardaky «oýunlar» sebäpli...

— Şazada. Ikinji agzan ertekimiziň baş gahrymany. Ol Barselona patyşalygynda ulaldy, ýigit çykanda bolsa tagt oňa taýýar durdy. Hatda hökmürowanlygyň diňe Messä degişli bolmagy üçin oňa päsgel berip biljek Ronaldinýo, Zlatan ýaly oýunçylar hem topardan giderildi. Aslynda, Ispaniýada Şalyk kluby «Real» hasaplansa-da, hakyky patyşalyk Barselonada bar. Çünki «Bernabeuda» hiç kim müdimilik gowy görülmeýär. Ol ýerde gladioatorlar täze gahryman peýda bolýança dynuwsyz söweşýärler, özlerini ykrar etdirmäge çalyşýarlar. Bu ýeriň mähellesi şahsyýetleri däl-de, gollary, ýeňişleri halaýar. «Kamp Nou» bolsa söýgä we wepadarlyga sarpa goýulýan bagtyýar patyşalyk. Messi, ana, şol patyşalygyň tagty nesip eden şazada. Ýöne...

Messi şazada hem bolsa şu wagta çenli birinji ertekiniň gahrymany bolan pukaraja ýigit — Maradonadan pes saýylyp gelindi. Muňa sebäp hökmünde onuň üçin ähli zadyň başgalar tarapyndan taýýarlanylyp goýlandygy, özüni ykrar etdirer ýaly özüniň adatdan daşary zat etmändigi zol-zol tekrarlandy. Tankytçylaryň aýtmagyna görä, Messiniň üstünlikleriniň aňyrsynda onuň öz ussatlygyna garanyňda, Gwardiolanyň tiki-takasy, Inýesta we Hawi ýaly topardaşlar, topardaky çäklendirilmedik erkinlik ýaly onlarça sebäbiň ülşi has köp. Şeýle bolansoň, ählisini öz güýjüne daýanyp eden pukara ýigit (Maradona) hemişe taýyn tagta eýe çykan şazadadan (Messiden) rüstem görüldi. Tä şazada özüniň adaty däldigini adaty adamlaryň arasynda subut edýänçä...

Messi — dogabitdi zehin. Şonuň üçin hem oňa başga planetaly diýilýär. Ýöne şu gezekki mundialda şol başga planetaly zehiniň gerdenine adamlara mahsus borçlar ýüklendi. Gülki, gazap, arzuw, çäresizlik, hyjuw, gorky...



Şazada birinji gezek şeýle synaga duçar boldy. Bu synagda ol diňe gol urman, topardaşlaryna pas bermäge, meýdançada ýüki öz egnine almaga, garaz, şu çaka çenli öwrenişmedik işleriniň ençemesini ýerine ýetirmäge mejbur. Mundan başga-da, şazada hökmünde diňe öz göwnüni oýlap öwrenen Messi indi başgalar hakda hem pikir etmäge, olaryň göwnüni tapmaga, daşynda jebisleşdirmäge, olary özlerini taryhyň bir bölegi hasaplamaga höweslendirmäge jogapkär. Birden finaldaky ýaly hemmesi tersine gitse, ruhdan düşmezlik üçin hemmä ýeterlik güýç tapmak hem Messiniň boýnuna. Ol muny aňryýany bilen başardy. Öňküden gowy ylgady, gowy aldady, gowy oýnady. Özi-de muny öňküden gowy oýunça öwrülmezden, başardy. Üns beren bolsaňyz, Argentinanyň her bir oýnunda gahryman başga-başga oýunçy. Birinde Huliýan Alwarez, ikinjide Enzo Fernandes, soň Di Mariýa, soň Emiliano Martinez. Messi heniz adyny argentinaly bolmadyk janköýerleriň tanamaýan tälimçisi bilen, birine «gögele», beýlekisine «döwri geçen» diýlen adaty «Braýtondyr» «Benfikalaryň» oýunçylaryndan düzülen ýygyndyny dünýä futbolunyň çür depesine çenli galdyryp bildi. Başgaça aýtsak, Messi olary çempiona öwürdi, olar bolsa Messini...

Şeýlelikde, erteki bagtyýar jemleme bilen tamamlandy. Özüniň kimdigini özünden geçip subut eden şazada Messi ömrüniň iň esasy arzuwynyň wysalyna gowuşdy. Indi durmuş täze ertekiler, täze gahrymanlar bilen dowam eder...

***Mätgurban MÄTGURBANOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň***
***II ýyl talyby.***



## *From the economist's dictionary*

## ECONOMIC TERMS IN INTERNATIONAL RELATIONS

***Financial markets*** *– financial markets are the lifeline behind capitalist economies, allowing businesses and entrepreneurs to buy and sell their financial holdings.*

***Interest rates*** *– the proportion of a loan that is charged in addition to the money they borrow, expressed as a percentage of the outstanding loan. Typically, interest rates are calculated on an annual basis and are therefore referred to as the annual percentage rate (APR).*

***Inflation*** *– inflation refers to the decline of purchasing power of a given currency over time, leading to a rise of the cost of living.*

***Economic Growth*** *– an increase in the production of economic goods and services, compared between one period of time and another.*

***Macroeconomics*** *– a particular branch of economics that examines the behaviour and performance of an economy as a whole. Looking at a country's wider economic picture, it focuses on the aggregate changes in an economy, such as unemployment, growth rate, GDP, inflation and more.*

***Microeconomics*** *– a branch of economics which examines the financial decision-making process of individuals, households and businesses. Generally, it applies to markets of goods and services, dealing with individual and economic issues, including: what buying habits people have, what factors influence their choices.*

***Prepared by: Ayjahan GULHANOVA,***
***2nd year student of the Faculty***
***of International Economic Relations***
***of the Institute of International Relations***
***of the Ministry of Foreign Affairs of***
***Turkmenistan.***

*Дипломатия – профессия универсальная, но настолько, что перестает быть профессией, превращаясь в образ жизни.*
***Алишер Файзуллаев***

*Дипломаты — проводники из лабиринтов к свету взаимопонимания.*
***Валерий Красовский***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
**Taňryberdi MYRATLYÝEW**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew
**Jogapkär kätibiň orunbasary**: A.Kaşaňow
**Kätip:** A.Nobatowa
**Bölüm müdiri:** A.Ýazweliýew
**Edebi işgärler:** J.Öwezowa, A.Atajykowa
**Fotohabarçylar:** M.Narmedow, B.Ýazmyradow
**Korrektorlar:** G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.**

**Email:**
yashdiplomathgi@gmail.com